# Gadymy dünýäniñ gyzyl sygyrlary

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gadymy dünýäniñ gyzyl sygyrlary GADYMY DÜNÝÄNIÑ GYZYL SYGYRLARY



Apostol Paweliñ miladydan soñky 51-nji ýylda Selanik buthanasyna ýazan hatlary ýaly apostollar azyndan gyýtaklaýynam bolsa, Isa Mesihiñ gaýdyp gelişine ünslerini berdiler. «Ikinji geliş» (1 Selanikliler 4:13-18).
Käbir hristianlar ynanýan her bir zadynyñ Isa pygamber ikilenç dünýä gelen wagtynda orta çykjagyny öñe sürýär.
Injil düşündirişlerinden alynan dürli yşaratlar we öñdengörüjilikler eshatologik ynançlary kesgitleýär.
Gyzyl tüweleriñ (ikiýaşar gyzyl sygyrlar) orta çykmagy iki müñ ýyl bäri görülip-eşidilmedik wakany buşlaýar.
Köne Äht boýunça gurban sistemasyny täzeden gurmak üçin üçünji

ybadathanany gurmagy arzuw edýän ortodoksal iudeýler däp-dessurlaryny dowam etdirmek üçin gyzyl tüwelere mätäçlik duýýarlar.
Käbir hristianlaryñ pikiriçe Injilde öñünden habar berilen «köstsüz» gyzyl tüwe mundan has köp manyny añladýar: eýýamyñ soñunyñ ýakynlandygyny yşarat edýär.



Sanlar 19:1-10, Tañrynyñ Musa we Haruna gyzyl tüweler (ikiýaşar gyzyl sygyrlar) boýunça beren görkezmesini düşündirýär.
Ysraýyl halky boýnuna nogta urulmadyk kemçiliksiz we tegmilsiz tüwe getirmelidi.
Lageriñ içinde berilen beýleki maljanlylaryñ tersine, ruhany

Eleazar gyzyl tüwäni lageriñ daşyna çykaryp öldürmelidi.
Eleazar has soñra «barmagy bilen ganynyñ bir bölegini almalydy» we ýygnanyşygyñ geçýän çadyrynyñ öñüne tarap ýedi gezek sepelemelidi. (Sanlar 19:4).
Şu ýerde dersi bilen birlikde ähli gyzyl tüweler Eleazaryñ gözüniñ öñünde ýanmalydy.
Ruhany has soñra gyzyl tüwe bilen birlikde oda kedr agajy, çandak, gyzyl ýüplük goşmalyydy(gyzyl ýüplügiñ ýa-da ýüñüñ sebäbi özbaşyna syr).

**BAKARA: 67-73**

*﴿67﴾ Birmahallar Musa kowmuna «Alla size sygyr gurban etmegiñizi buýurýar» diýende, olar «Biziñ bilen oýun edýärsiñ!» diýipdiler. Musa «Jahyllardan bolmakdan Allaha sygynýaryn!» diýdi.*

﴿68﴾ «Biziñ adymyzdan Rebbiñe doga et, onuñ nähilidigini bize düşündirsin» diýdiler. Musa şeýle diýdi: «Alla şeýle buýurýar: «Ol garry-da däl, tüwe-de däl, ikisiniñ arasyndaky sygyr bolar». Hany boluñ, size buýrulany ediñ».

﴿69﴾ «Biziñ üçin Rebbiñe doga et-de, reñkiniñ nähili boljagyny bize düşündirsin» diýdiler. Musa «Ol şeýle buýurýar: «Reñki ýalpyldap duran sary, seredenleriñ içini açýan sygyr bolar» diýdi.

﴿70﴾ Ýene, «Biziñ üçin Rebbiñe doga et-de, onuñ nähili zatdygyny bize düşündirsin, çünki bu sygyr bize aýyl-saýyl edip bilmez ýaly boldy, enşalla dogrusyny taparys» diýdiler.

﴿71﴾ Musa «Rebbim şeýle buýurýar» diýdi: «Ol heniz boýnuna boýunturyk atylyp, ýer sürmedik, ekin suwarmadyk, peýwagtyna gezip ýören we ala ýeri bolmadyk sygyrdyr» diýdiler we sygyry (tapyp) kesdiler, emma ýene birazdan (muny) etjek däldiler.

﴿72﴾ Hany, siz bir adam öldüripdiñiz-de, bu boýunça biri-biriñiz bilen dawalaşypdyñyz. Şonsuzam Alla gizleýänleriñizi aýan etjekdi.

﴿73﴾ Soñra «(kesilen sygyryñ) bir bölegi bilen ölä uruñ»

diýdik. Şeýlelikde Alla ölüleri direldýär we düşüniň diýip size aýatlaryny ugradýar.



Gözegçi ruhany diňe ýuwunandan we geýimlerini ýuwandan soň lagere dolanyp bildi, emma agşama çenli hapalygyna galmalydy.
Edil şonuň ýaly gyzyl tüwäni ýakanam eşiklerini ýuwmaly, ýuwunmaly we agşama çenli kirliligine galmalydy.
Arassa adam soňra gyzyl tüwäniň küllerini jemledi we ýene lageriň daşynda «olary arassa ýere toplady».
Injil soňra külleriň «Ysraýyl jemgyýeti tarapyndan ýuwnulýan suwda ulanmak üçin saklanjagyny, günäden ýülünmek üçindigini» düşündirýär». (Sanlar 19:9).
Külleri ýygnaýanyňam kirli eşiklerini ýuwmagy gerekdi we

agşama çenli kirli hasaplanmalydy.
Reb şu şerti goşdy:
*«Bu hem ysraýyllylar hem-de aralarynda oturýan kese ýerliler üçin hemişelik buýruk bolmalydyr». (Sayılar 19:10).*
Ysraýyllylar gyzyl tüwelerîñ küllerini talabalaýyk saklandan soñ olary hapa adamlary arassalamak üçin ulanmalydy.
Sanlar 19:11-22, biriniñ hapalanmagynyñ (jesetlere galtaşmagynyñ) esasy ýoluny we külleriñ akar suw bilen nähili birleşdiriljekdigini we yzyndan garyndynyñ arassalanmaly adamyñ üstüne armyt seçiljegini aýdýar.
Iudeý taglymatynda bize gyzyl tüwe ücin ibranyça adalganyñ «parah adumah» diýilýändigini aýdýar we gyzyl tüwäniñ külleriniñ ýülünme rituallary üçin nähili ulanylýandygyny düşündirýär.



Şu gün ortodoksal iudeýleriñ köpüsi şindizem şular ýaly ýülünme ritualyny ýerine ýetirmek isleýär.
Şu günüñ Töwrat okaýyşynda «Sanlardaky» rituallary gürrüñ berýän aýatlar gyzyl tüwäniñ Şabaty bolan Şabat Parahyñ soñky okalyşyna dahylly edilýär.
Gyzyl tüwe Sebti Adar aýynyñ soñky Şabatynda Pesahdan az wagt öñ bolup geçýär.
Gyzyl tüwäniñ iñ soñky Şabaty 2022-nji ýylyñ 25-nji martynda Anna güni bolup geçdi. Ondan soñkusy 2023-nji ýylyñ 10-njy martynda Anna güni boldy.




Premillennial eshatologiýa garaýşyna eýe hristianlar üçin Ierusalime gelen diňe bir haham oňlanan gyzyl tüwe bilen joşgunyň ýakyndygyny aňladýar.

Olar ahyrzamanda üçünji ybadathananyň guruljagyna ynanýarlar, şunuň bilen baglanyşyklylykda beýleki ähli öňünden aýdylan wakalar bolup geçmeli.
Iudeýlige eýerýänler üçin gyzyl tüwäniň gelmegi Mesihiň geljegini görkezýär. Iudeý ýörelgesine görä, Mişna Tabernajle wagty bilen miladynyň 70-nji ýylynda (Rimli esgerler ikinji ybadathanany ýok edende) arasynda diňe dokuz köstsüz gyzyl tüwäniň ulanylandygyny hasaba alypdyr.
Haýsydyr bir onunjy köstsüz gyzyl tüwäniň gelişi Mesihiň peýda bolmagy we ybadathananyň täzeden gurulmagy üçin umyt etmegi aňladýar.
Iudeý danasy Maýmonid onunjy haýwanyň «diňe patyşa Mesih orta çykmaga taýýar bolanda tapylyp, gurban ediljegini» öňe sürüpdir.
Umut ATASEWEN,
gadymydünýä taryhçysy / @atasevenoffica

Ýekşenbe, 14.04.2024 ý. Taryhy makalalar